# Teraktlar, raketa hüjümleri we gümanaly ýaraşyk umydy: Tramp

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Teraktlar, raketa hüjümleri we gümanaly ýaraşyk umydy: Tramp
TERAKTLAR, RAKETA HÜJÜMLERI WE GÜMANALY ÝARAŞYK UMYDY: TRAMP



*Atyşygy bes etmegiñ ylalaşygy eger zerre ýaly-da imrinmeýän adamym Tramp arkaly amala aşjak bolsa, oña-da üns bermäge mejbur ýagdaýa düşdük.*

*Russiýanyñ Ýadro, biologiki we himiki goranyş güýçleriniñ serkerdebaşysy Igor Kirillowyñ we onuñ kömekçisiniñ Moskwada öldürilen ýeri*

Moskwada uly terrorçylykly hadysa bolup geçdi. 17-nji dekabrda ir sagat 06:00-da öýünden çykan Russiýanyñ Ýadro, biologiki we himiki goranyş güýçleriniñ serkerdebaşysy general-leýtenant Igor Kirillow we onuñ kömekçisi Ilýa Polikarpow uzak aralykdan dolandyrylýan bomba bilen howa uçuryldy.

Kirillow Russiýanyñ Goranmak ministrliginiñ iñ esasy adamlarynyñ biridi. Bular ýaly ýokary düzümli ýolbaşçynyñ öldürilmehi birnäçe çekişmäniñ, tankydy belligiñ we howp-hataryñ orta atylmagyna getirdi.
Rus generaly mundan öñ telim gezek ABŞ-ny Ukrainadaky laboratoriýalarda çar künjege howply wiruslary ýaýradýan «hapa biologiki bomba» öndürmekde aýyplapdy. Ukraina bolsa uruş dowam edýärkä öz çäklerinde bäş müñ çemesi himiki hüjüme uçrandygyny, munuñ jogapkärleriniñ biriniñ Kirillowdygyny öñe sürüpdi. Britaniýa şu esasda rus generalyna geçen oktýabr aýynda sanksiýa beriljekdigini mälim edipdi.
Ahyrynda terrorçylykly aktyñ bolup geçmeginden bir gün öñ 16-njy dekabrda Ukrainanyñ Razwedka uprawleniýesi Sergeý Kirillowy ýurduñ gündogar we günorta frontlarynda himiki ýarag ulanmakda aýyplapdy.
Şeýle ýagdaýda tebigy taýdan Moskwadaky terrorçylykly hadysany Ukrainanyñ gurnandygy hakdaky çaklama güýçlenýär (muny prezident Zelenskiniñ geñeşçisi Podolýak hernäçe boýun almasa-da, mediyada alternatiw kanallardan käbir ukrainaly ygtyýarlylaryñ çapraz beýanatlary berýän habarlary ýüze çykmaga başlady).
Aýratynam düýn Moskwada ele salynan we ukrainaly ygtyýarlylardan alan 100 müñ dollar pul sylagy we «Ýewropada ýaşamaga rugsatnama almak» wadasy bilen bu jenaýaty edendigi mälim eden özbegistanly raýat Ahmet Gurbanowyñ «mediatik gymmatynyñ» ikinji orunda galmagy her niçik-de bolsa düşünip boljak hakykat.



*Ahmet Gurbanow*

- **Uruş Russiýanyñ içlerine ýaýraýar**

Russiýa bilen Ukrainanyñ arasyndaky uruş eýýäm üç ýyla golaý wagt bäri dowam edýär. 2022-nji ýylda islän netijesini almasa-sa, ep-esli ýeri basyp alan Russiýa 2023-nji ýylda onçakly öñe süýşüp bilmändi. Şu ýyl, aýratynam soñky aýlarda rus goşun

bölümleri Ukrainada barha tizleşýän öňe süýşme içine girdi.
Günbataryň hemişe ýarag we maddy ýardamlarynda «hemişe gijigendigini we çäkli galandygyny» aýdyp gelen rus hökümeti bu şertlerde uruşyň Russiýanyň oblastlaryna syçramagynyň öz nukdaýnazaryndan möhüm ähmiýetli üstünlik boljagynyň kararyna geldi.
Dürli wagtlarda köp sanly dron Russiýanyň dürli şäherleriniň üstünde gaýmalady. Bir gezeginde şeýle dronlaryň birini Kremliň üstündekä atyp aldylar. Başga bir dron hüjüminde Moskwa oblastynda bir aýal wepat boldy. Dürli ýerlerde, harby obýektlerde düýpli ýykgynçylyklar emele geldi.
ABŞ we onuň ýaranlarynyň gysga wagt öň Ukraina ýollan uzak aralyga arýan raketalar bilen Russiýanyň jümmüşlerini urmaga razylyk bermegi-de şu babatda ädilen ädimdi, emma häzirlikçe ýetiren täsiri az boldy.
Şeýle hem Ukrainanyň Ýaragly Güýçleri 2024-nji ýylyň 6-njy awgustynda garaşylmadyk hüjüm edip, Russiýanyň Kursk oblastynyň bir bölegini okkupirläpdi. Edil häzir olar basyp alan ýerleriniň aglabastny elden giderdiler, ýöne Kursk çaknyşyklary häzirem dowam edýär.
Muňa derek dürli terrorçylykly hadysalar öňe saýlandy. Ukraina garşy berýän gazaply beýanatlary bilen wagtal-wagtal dile düşýän Aleksandr Duginiň gyzy Darýa Dugina 2022-nji ýylyň 20-nji awgutlsgynda (belki-de aslynda kakasyna garşy gurnalan bolmapy) terrorçylykly aktyň netijesinde öldürildi. Onuň bilen birmeňzeş pikirleri öňe sürýän harby blogger Wladlen Tatarskiý 2023-nji ýylyň 2-nji apdelinde Peterburgda Ýewgeniý Prigožine degişli kafede geçirilen ýygnanyşykda partladylan bomba bilen aradan çykdy. Russiýanyň tarapdarlygyny edýän ukrain deputaty Ilýa Kiwa 2023-nji ýylyň 6-njy dekabrynda Moskwanyň ýakynlarynda öli ýagdaýda tapyldy. Mundan alty gün öňem rus raketa hünäeni Mihail Şatskiý ýene Moskwa oblastynda oka tutulyp öldi.
Gaýtalap aýdýaryn, Kirillow çini iň uly ýitgi bolandygy üçin bularyň hemmesinden has köp gowur turuzdy.



*Igor Kirillow*

**• Ýaraşyk umydy Trampa garaşýar**

Amerikan çeşmeleri 2022-nji ýylyň 24-nji fewralynda başlan uruşda häzire çenli bir million adamyň ýitirilendigini aýdýar. 600 müň russiýaly, 400 müňi ukrainaly («ýitirildi» diýenimde ölenleriň we urşup bilmejek derejede düýpli ýaralananlaryň hem göz öňüne tutulýandygyny aýdyp geçeýin. Rus hünärmenleriniň biriniň aýtmagyna görä ortaça her üç ýitginiň biri ölüm, beýleki ikisi ýaralanma manysyny berýär).
NATO-nyň baş sekretary Rutte ýakynda «Ukraina boýunça her hepde 10 müňden gowrak adam ölýär ýa-da ýaralanýar» diýdi.
Hu gorkunç gyrgynçylygyň we urşuň indi soňlandyrylmagy gerek. Araçäkleriň eýle ýa-da beýle görnüşde çekilmegi-de derwaýysdyr welin, şunça adamyň ömrüniň ýanynda meniň pikirimçe araçäkleriň näme manysy bolup biler?
Hem atyşygy bes etmegiň ylalaşygy eger zerre ýaly-da imrinmeýän adamym Tramp arkaly amala aşjak bolsa, oňa-da üns bermäge mejbur ýagdaýa düşdük. Hernäçe Trampyň sagy-soly belli bolmasa-da we ertir haýsy meselede nähili ädim ätjegini çaklap bilmesek-de.

Syýasy we ideologiki saýlawlara yñdarmalar deýin baglanan «diwan awtoritarlarynyñ» çemeleşmeleriniñ tersine, mesele indi Russiýanyñ ýa-da Ukrainanyñ üstün çykmagyna däl-de, her gün ýüzlerçe, müñlerde adamyñ ölmeginiñ öñüni almaly. Şeýdilmedik ýagdaýynda Ukrainanyñ çäklerindäki uruş böreñ-böreñ gan akdyrmagyny dowam etdirer. Dron se raketa hüjümleri bilen terrorçylykly aktlar her ýere ýaýrar.
Gysgaçasy, bu uruş indi soñlandyrylmaly. Haýsy lideriñ syýasy bähbidi nähili bolsa şo hili bolsun! Haýal etmän!

Hakan AKSAÝ.

@AksayHakan
aksayhakan@gmail.com

«T24» internet gazeti, 19.12.2024 ý. Publisistika